***Çerkez.*** Çölde giň ýaýran dermanlyk ösümlikleriň biri. Ol boýunyň beýikligi 1,5-3 m-e barabar  bolan gyrymsy ösümlikdir.Çerkez selmeler maşgalasyna degişli. Çerkez diňe bir öri meýdanlarda mallar üçin ot-iým bolup hyzmat etmän, eýsem, ol örän gymmatly dermanlyk ösümlikdir. Çerkeziň dermanlyk häsiýetine örän ir döwürde Orta Aziýada demir ýoluny gurujylar aýratyn üns beripdirler. Çerkeziň dermanlyk häsiýetleri ni ýüze çykaryp, onuň miwesinde alkaloidleriň bardygyny ilkinji kesgit länleriň biri P.S.Massagetowdyr. Çerkeziň dürli organlarynda salsolin we salsolodinal  kaloidleri saklanýar. Salsolin gan damarlaryny giňeldýär we şonuňnetijesinde arterial  basyşynyň aşakla magyna getir ýär. Onuň umumy rahatlandyryjy, kellagyryny we başaýlanmany gowşadyjy häsiýetleri hem bardyr.Dermanlyk maksat üçin çerkeziň tohumyny sentýabr,noýabr aýlarynda , miweleriniň köpüsi bişen wagty ýygnaýarlar.

*Üzärlik.*Oňa türkmen dilinde üzärlik, ýüzärlik, iswent, adraspan diýip dürli at berýärler.Ol boýy 30-50 sm bolan köpýyllyk otjumak ösümlikdir.Üzärlik peganlar maşgalasyna degişli.Üzärligiň köp ýaýran ýerleri Merkezi Aziýa we Gazagystan ýurtlarydyr.Türkmenistanda onuň diňe bir sany – adaty üzärlik diýen görnüşi ösýär.Örän ir döwürlerden bäri ata-babalarymyz üzärligi derman üçin ulanyp gelipdirler. Ol halk lukmançylygynda iň bir giňdenulanylýan dermanlyk ösümlik hasaplanýar. Lukman Abu Aly ibn Sina ony guýmaç süňkleriniň nerwi sowuklan wagtynda agyryny aýryjy hökmünde ulanypdyr. Çünki onuň dürli organlarynda (ýapragynda, baldagynda, tohumynda) garmin, gar malin, garmalol, peganin, peganol ýaly alkaloidler saklanýar. Derman üçin onuň gunçalaýan döwri ýygnalan oty we käte tohumy, köki ulanyl ýar. Ösümlikleriň baldagynda we kökünde toplanýan esasy alkaloidler garmalin, garmin, garmalol, peganin (wazisin) hem bolsa, soňky ýyllarda onda täze alkaloidleriň – pegaminiň, peganolyň, dezoksi pegani niň, peganidiniň bardygy hem belli edildi. Saklanýan alkaloidleriniň mukdary uly ýaşly köklerine garanyňda ýaş köklerinde has köpdür. Halk lukmançylygynda üzärligiň otundan taýýarlanan suwy (wannasy) guragy ra, gijilewüge we beýleki derikesellerine garşy ulanylýar. Gaýnadylyp al nan suwy sowuklamany, gyzzyrmany, nerw kesellerini, garaguşagyryny bejermekde peýdalanylýar. Üzärligiň tüssesini hassa ýatan ýere goýberip, kellagyryny, ýokanç keselleri bejermekde peýdalanýarlar. Onuň tüssesi mikroorganizmleri ýok etmäge kömek berýär. Merkezi Aziýanyň halklarynyň arasynda üzärlik iň bir meşhur dermanlyk ösümlik hasaplanýar. Onuň gaýnadylyp alnan suwuny aýal kesellerini, aşgazan-içege bozulmalaryny, ýaralary, damar  çekmäni, ysmazy, deri kssellerini bejermekde ulanýarlar.

**Çynar ÇARYMYRADOWA**
**Türkmen oba hojalyk**
**instituty talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 04.12.2024